**Ermenistan Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda 2023–2025-nji ýyllarda medeniýet we sungat babatda hyzmatdaşlyk etmegiň**

# MAKSATNAMASY

Mundan beýläk «Taraplar» diýlip atlandyrylýan Ermenistan Respublikasynyň Hökümeti we Türkmenistanyň Hökümeti,

Ermenistan Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda 1993-nji ýylyň 24-nji awgustynda gol çekilen medeni we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk hakyndaky Ylalaşyga laýyklykda,

medeniýet we sungat babatda hyzmatdaşlyk etmegiň halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary we özara düşünişmegi ösdürýändigine berk ynanýandygyny beýan edip,

medeniýet we sungat ulgamynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek we kämilleşdirmek baradaky umumy islegi goldanyp,

şu aşakdakylar barada ylalaşdylar:

## 1-nji madda

Taraplar medeniýet we sungat babatda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmek üçin amatly şertleri döretmäge çalşarlar.

## 2-nji madda

Taraplar aýdym-saz guramalarynyň we döredijilik birleşikleriniň arasynda aýdym-saz, horeografiýa sungaty boýunça hyzmatdaşlygy ösdürerler, şeýle hem ýerine ýetirijileri, aýdym-saz we horeografiýa toparlaryny alşarlar hem-de Taraplaryň döwletleriniň çäklerinde geçirilýän halkara bäsleşiklerine we festiwallaryna özara gatnaşmaga ýardam ederler.

## 3-nji madda

Taraplar teatr toparlarynyň we aýry-aýry ýerine ýetirijileriň çykyşlaryny geçirmäge guramaçylyk taýdan ýardam bermek, şeýle hem özara esasda teatr festiwallaryna gatnaşmak arkaly iki döwletiň teatrlarynyň arasynda gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny goldarlar.

## 4-nji madda

Taraplar muzeý işi, düşündiriş materiallary babatda bilermenleri alyşmak, şeýle hem geçirilýän ylmy-amaly maslahatlar baradaky maglumatlary alyşmak arkaly Türkmenistanyň we Ermenistan Respublikasynyň muzeýleriniň hem-de galereýalarynyň arasynda hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna gyzyklanma bildirýärler.

Taraplar muzeý sergilerini, şol sanda häzirki zaman sungatynyň sergilerini guramaga ýardam bererler.

**5-nji madda**

Taraplar iki döwletiň kitaphanalarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine, bilermenleriň ylmy-amaly we okuw maslahatlara gatnaşmaklaryna, kitap sergileriniň guralmagyna, şeýle hem usulyýet we bibliografiki materiallaryň alşylmagyna ýardam bererler.

**6-njy madda**

Taraplar iki döwletiň kinematografiýa guramalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek üçin amatly şertleri döretmäge çalşarlar.

**7-nji madda**

Taraplar medeniýet ulgamynda bilim babatda hyzmatdaşlyk ederler hem-de talyplaryň Taraplaryň döwletleriniň çäginde geçirilýän halkara bäsleşiklerine we festiwallaryna gatnaşmaklaryna ýardam ederler.

**8-nji madda**

Taraplar taryhy-medeni mirasynyň obýektlerini goramak we dikeltmek boýunça hyzmatdaşlygy goldarlar.

**9-njy madda**

Taraplar halk döredijiligi babatynda hyzmatdaşlyk ederler we bu ugurda bilermenleri alyşmaga ýardam bererler, şeýle hem iki döwletde geçirilýän halkara folklor festiwallary barada birek-birege habar bererler hem-de öz wekilleriniň bu çärelere gatnaşmagyna ýardam ederler.

**10-njy madda**

Taraplar Türkmenistanda Ermenistan Respublikasynyň Medeniýet günlerini hem-de Ermenistan Respublikasynda Türkmenistanyň Medeniýet günlerini geçirmäge ýardam ederler.

**11-nji madda**

Taraplar öz döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda, Taraplaryň degişli pudak edaralarynyň we guramalarynyň arasynda göni gatnaşyklary ýola goýmaga ýardam ederler.

**12-nji madda**

Şu Maksatnamanyň çäklerinde meýilleşdirilen çäreleri (şol sanda maliýe meselelerini göz öňünde tutmak bilen) durmuşa geçirmegiň şertleri gönüden-göni iki döwletiň gyzyklanýan guramalarynyň arasynda ikitaraplaýyn geňeşmeler arkaly barabarlyk esasynda kesgitlener.

Şu Maksatnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde Taraplar şu Maksatnamanyň aýrylmaz bölegi bolup durýan Çäreleriň meýilnamasyny taýýarlap bilerler.

**13-nji madda**

Şu Maksatnamanyň düzgünleri düşündirilende ýa-da ulanylanda ýüze çykýan islendik çaprazlyklar ýa-da jedeller Taraplaryň arasynda gepleşikler we/ýa-da geňeşmeler arkaly düzgünleşdiriler.

**14-nji madda**

Taraplaryň özara ylalaşmagy boýunça şu Maksatnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip bilner, olar şu Maksatnamanyň aýrylmaz bölegi bolup durýan aýratyn Teswirnamalar arkaly resmileşdirilýär.

**15-nji madda**

Şu Maksatnama öňa gol çekilen senesinden güýje girýär we 2025-nji ýylyň 31-nji dekabryna çenli hereket edýär.

Şu Maksatnama Ýerewan şäherinde 2023-nji ýylyň 31-nji maýynda her biri ermeni, türkmen we rus dillerinde iki asyl nusgada amal edildi, özi-de ähli nusgalaryň birmeňzeş güýji bardyr. Şu Maksatnamanyň düzgünleri düşündirilende çaprazlyklar ýüze çykan halatynda Taraplar rus dilindäki nusgany goldanarlar.

**Ermenistan Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan**

**Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan**